TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ PARAHATÇYLYK HEM-DE YNANYŞMAK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY UZAK MÖHLETLEÝIN MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR BOLAN ÄHMIÝETLI MÜMKINÇILIKLERIŇ DÖREDILMEGINE GÖNÜKDIRILENDIR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Aprel | #4/39

## ÄLEMDE ARZYLANÝAN ADYL TAGLYMAT



*Düşünişmek, ylalaşmak, sabyr-takatlylyk, parahat, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine wepalylyk — bu häsiýetleriň ählisi türkmene, atarmanlykda-çaparmanlykda taý gelmedik han-soltanlara asyrlarboýy mahsus bolan häsiýetler. Buýsandyrýan ýeri, milletimiziň zandyna ornan şol häsiýetler häzirki wagtda-da dowam etdirilýär. Onda-da diňe öz halkymyzyň bähbitlerini nazara alman, eýsem, dünýä halklarynyň hem parahatçylygyny gazanmagy esas edinýär. Bu günki gün bolsa şol milli häsiýetlerimiz türkmen Bitaraplygynyň mysalynda aýdyň şuglalanýar.*

Hawa, bu gün Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda ýurdumyzyň ynsanperwerlige esaslanýan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy barha rowaçlyklara beslenýär. Çünki Türkmenistan BMG tarapyndan dünýäde resmi taýdan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet hökmünde öz üstüne alan umumadamzat gymmatlyklaryna ygrarly bolmak, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine goşulyşmazlyk, sebit we dünýä möçberinde dostluk, parahatçylyk hem-de özara bähbitli deňhukukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge hemmetaraplaýyn ýardam bermek ýaly borçnamalaryna yzygiderli eýerýär.

Bitaraplyk Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösmegine, onuň sebitde işjeňlik görkezýän syýasy subýektleriň birine öwrülmegine, Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde howpsuzlyk we durnuklylyk derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Hut Bitaraplyk hukuk derejesi ýurdumyza häzirki zaman howpsuzlyk ulgamy döredilende, sebitleýin hem halkara gapma-garşylyklaryň syýasy çözgütleri kabul edilende, töwekgelçilikleriň, wehimleriň öňi alnanda we olar aradan aýrylanda hyzmatdaşlygyň iň bir netijeli ugurlaryny saýlamaga mümkinçilik berýär. Umuman, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyz biziň ýurdumyza bildirilýän ynama we dünýä sahnasynda onuň eýeleýän ornunyň ykjamlygyna güwä geçýär.

Ýagşy işler, ýagşylyklar, adamzat bähbidini araýan başlangyçlar hemişe ýol alýar. Bu taryhda-da şeýle bolupdyr, şu günem şeýle. Çünki özüň üçin däl, il bähbidi üçin edilen işleriň arzysam üýtgeşik bolýar, abraýam. Tutuş dünýäniň bähbidi üçin edilenler barada-ha gürrüňem ýok. Parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamak boýunça eziz Arkadagymyzyň başlangyçlary, şol başlangyçlaryň dünýä halklarynyň gyzgyn goldawyny tapmagy bolsa aýdanlarymyzyň anyk we aýdyň delili. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy sessiýasynda 193 döwlet tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasynyň biragyzdan gaýtadan kabul edilmegi bolsa öz gezeginde Zemin halklarynyň parahatçylykly syýasaty goldaýandygynyň ýene bir güwäsidir. Şeýle belent ykrara eýe bolmak bagty, ýeňşi bolsa bitarap ýörelgelere eýerýän halkymyza bu babatda nobatdaky üstünlikleri bagyş edýär — 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde «12-nji dekabr — Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Kararnama kabul edilýär. Şeýle hem üstümizdäki ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek kabul edilmegi her bir türkmenistanlyny çäksiz buýsanja besledi.

Türkmeniň ynsanperwerlik syýasatynyň halkara giňişlikde parahatçylygy berkitmekde, döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda iň täsirli gural hökmünde ykrar edilýändiginiň subutnamasy bolan bu karar milletimiziň umumadamzat gymmatlygyna goşan nobatdaky goşandy boldy. Muňa bitarap ýörelgelere eýerýän ýurdumyzyň daşary syýasat üstünlikleriniň ählisiniň täji boldy diýsek, ýalňyşmasak gerek.

Parahatçylyk we howpsuzlyk — bu adamzadyň ymtylýan umumy maksady. Bu maksady myrada gowşuryan ýol bolsa bilelikde, agzybirde hereket etmek. Täzeden döreýiş döwründen bäri ynsanlar muňa, ýagny bilelikde hereket edileninde halas bolşuň barlygyna ýyrtyjy haýwanlardan, sowuk ýa-da yssy howa şertlerinden, tebigy hadysalardan goranmagyň mysalynda göz ýetiripdirler.

Hawa, «Parahatlyk – Zeminiň asudalygydyr, Asmanyň päkizeligidir» diýip nygtaýar Gahryman Arkadagymyz. Zemin, Asman tutuş adamzada dahylly bolýan bolsa, onda şolaryň asudalygy, päkligi üçin parahatçylykly ýol bilen dünýä döwletleriniň arasynda gatnaşyk alyp barmak hem ynsanyýetiň borjy.

Şu jähetden, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara jemgyýetçiligi üçin parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmegine oňaýly täsir edýän anyk mümkinçilikleri döredýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary esasynda Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini gyşarnyksyz alyp barýar hem-de parahatçylyk söýüjilik we howpsuzlyk ýörelgeleriniň biziň ýurdumyzyň esasy öňdengörüjilik syýasatyny emele getirýändigini iş ýüzünde subut edýär.

***

***Bitaraplyk — hemişe hereketde bolan döredijilik işi. Halkara gatnaşyklar ulgamynda ýitileşen meseleleri çözmegiň köpugurly guraly. Şu jähetden, ol dünýäniň möhüm meselelerini çözmäge ýardam edýär. Iň esasy zat hem üçünji müňýyllykda adamzadyň öňünde duran wehimleriň çäresini agtarýar. Şol işlerde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary saýasynda dünýä ykrarly taglymata eýerip, ýurdumyzyň ilkinjileriň biri bolmagy — hataryň nerine deňelmägä mynasyplygy bolsa uly abraý, beýik buýsanç.***

**Ogulgurban NURGELDIÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**V ýyl talyby.**

Dostlukly gatnaşyklar pugtalanýar

# EKOLOGIÝA BILIMI WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAGA BAGYŞLANAN HALKARA YLMY-AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI

*7-nji aprelde* Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde sanly ulgam arkaly «Durnukly ösüşi üpjün etmegiň esasy ugry: ekologiýa bilimi we daşky gurşawy goramagyň häzirki zaman meseleleri» atly halkara ylmy-amaly maslahatynyň açylyş dabarasy we umumy mejlisi geçirildi.

Türkmenistan dünýäde Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň möhüm ugurlary, şol sanda ekologiýa we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmaga bagyşlanan halkara maslahatlaryň hem-de forumlaryň geçirilýän mekany hökmünde tanalýar. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilýän bu halkara ylmy-amaly maslahatynyň hem esasy maksady howanyň üýtgemegi bilen baglylykda ýüze çykýan häzirki zaman ekologiýa meselelerini çuňňur seljermekden, ýaşlara ekologiýa bilimini we medeniýetini öwretmegiň usullaryny kämilleşdirmegiň ýollaryny, häzirki zaman şertlerinde daşky gurşawy goramaga, tebigy baýlyklardan ekologiýa-ykdysady taýdan netijeli peýdalanmaga degişli täze ýöriteleşme derslerini bu ugurdan ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň okuw meýilnamasyna girizmekden, interaktiw gurallary we okuw üçin platformalary döretmekden, ekologiýa boýunça ylmy-barlag işlerinde we bilim maksatnamalarynda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Halkara ylmy-amaly maslahata Russiýa Federasiýasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Wengriýanyň, Beýik Britaniýanyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň, Demirgazyk Makedoniýanyň, Polşanyň, Belgiýa Patyşalygynyň, Rumyniýanyň, Hindistanyň, Päkistan Yslam Respublikasynyň, Ýaponiýanyň, Wýetnamyň, Koreýa Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystan Respublikasynyň, Nigeriýa Federatiw Respublikasynyň, Alžiriň hem-de Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag institutlarynyň 74-üsinden jemi 180-den gowrak professor-mugallymlar we alymlar alyp barýan ylmy-barlag hem-de ylmy-usuly işleriniň netijelerini ara alyp maslahatlaşmak hem-de tejribe alyşmak maksady bilen gatnaşdylar.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasynda çykyş eden daşary ýurtly we türkmenistanly alymlar, professor-mugallymlar Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwlet ekologiýa syýasaty esasynda Garaşsyz we hemişelik Bitarap ýurt hökmünde Türkmenistan tarapyndan dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň pugtalandyrylmagy bilen bir hatarda, häzirki zaman dünýä jemgyýetçiliginiň möhüm meseleleriniň biri bolan ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde diňe bir sebit derejesinde däl-de, eýsem, bütin dünýä ähmiýetli işleriň amala aşyrylýandygyny nygtap bellediler.

Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygynyň çäginde Türkmenistanyň sebitleýin we global derejede daşky gurşawy goramak baradaky konwensiýalaryň işjeň agzasy hökmünde howanyň häzirki zaman üýtgeýän şertlerinde suw we ýer baýlyklaryny, biologiýa köpdürlüligini gorap saklamaga, köpeltmäge, olardan rejeli peýdalanmaga, ýaşlaryň ekologiýa bilimini we medeniýetini kämilleşdirmäge degişli wezipeleri gyşarnyksyz berjaý edýändigi aýratyn bellenilip geçildi. Häzirki döwürde Türkmenistan dünýäniň abraýly halkara guramalarynyň, esasan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň tebigaty goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak baradaky maksatnamalarynyň çäginde «Klimatyň üýtgemegi baradaky çäklendiriji konwensiýasynyň», «Çölleşmä garşy göreş baradaky konwensiýasynyň», «Ozon gatlagyny goramak barada Wena konwensiýasynyň», «Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasynyň», «Howply galyndylaryň serhedüsti daşalyşyna we olaryň zyýansyzlandyrylyşyna gözegçilik etmek hakyndaky Bazel Konwensiýasynyň» we beýleki halkara ähmiýetli ekologiýa maksatnamalarynyň çäginde kesgitlenen wezipelerden ugur alyp, döwlet ekologiýa kanunçylyk namalaryny konwensiýalarda kesgitlenen ýörelgeler bilen utgaşdyrmak arkaly kämilleşdirýär. Bu işleriň döwrebap derejede amala aşyrylmagy bolsa ýurdumyzda ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegi arkaly «ýaşyl ykdysadyýetiň» durnukly ösdürilýändigini aýdyň görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadgaly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli döwlet ekologiýa syýasaty esasynda Türkmenistanyň Merkezi Aziýa sebitinde, şeýle hem Hazarýaka we Aralýaka sebitlerinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek arkaly diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, sebitiň ýurtlarynyň hem durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen ekologiýa we durmuş-ykdysady taýdan ähmiýetli öňe sürýän başlangyçlary sebitiň ýurtlary tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Döwletara Hazar Ekologiýa Maksatnamasynyň işjeň agzasy hökmünde Türkmenistanda häzirki döwürde sebit ähmiýetli işleriň hem yzygiderli durmuşa geçirilýändigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Türkmenistanyň Araly halas etmegiň Halkara gaznasyna ýolbaşçylyk eden döwründe Aralýaka sebitinde ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmaga degişli öňe süren sebit ähmiýetli başlangyçlarynyň biri hem «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly Kararnamasyna degişlidir. Bu Kararnamanyň Aral meselesiniň sebit üçin oňaýsyz täsirleriniň öňüni almak boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekdäki ähmiýeti örän uludyr. Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli döwlet ekologiýa syýasaty esasynda sebitiň iň uly gidrotehniki desgasy bolan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň tapgyrlaýyn gurlup, ulanmaga berilmegi, ýurdumyzda sebit üçin ekologiýa we durmuş-ykdysady ähmiýete eýe bolan Aral ekologiýa meselesiniň çözgütleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändigini aýdyň görkezýär.

Türkmenistanda öňki hereket edýän ekologiýa kanunlarynyň döwrebap kämilleşdirilmegi we olaryň halkara ekologiýa konwensiýalaryň, ylalaşyklaryň ekologiýa kadalary bilen utgaşdyrylmagy arkaly ýurdumyzyň ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegine degişli täze kanunlar hem kabul edilýär. Ýurdumyzda ilkinji gezek kabul edilen kanunlardan «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda», «Ozon gatlagyny goramak hakynda», «Himiýa howpsuzlygy hakynda», «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda», «Galyndylar hakynda», «Öri meýdanlar hakynda», «Ösümlikleri goramak hakynda», «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda», «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryny görkezmek bolar.

Maslahata gatnaşan daşary ýurtly professor-mugallymlar, alymlar özleriniň çykyşlarynda türkmen myhmansöýerliginiň, dost-doganlyk ýörelgeleriniň täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Türkmenistanyň Çuňňur hormatlanylýan Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda dowamat-dowam bolýandygyny nygtap bellediler.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň işi «Ekologiýa bilimini ösdürmekde innowasiýa tehnologiýalarynyň orny», «Suw we ýer baýlyklaryny rejeli peýdalanmagy dolandyrmagyň usullary» hem-de «Biologiýa dürlüligi öwrenmegiň we goramagyň esasy meseleleri» atly bölümlerde alnyp baryldy.



Halkara maslahatyň umumy mejlisiniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar ekologiýa we daşky gurşawy goramak ugrunda halkara tejribesini öwrenmekde hem-de ekologiýa abadançylygyny üpjün etmekde alyp barýan tutumly işleri üçin Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Türkmenistanyň Çuňňur hormatlanylýan Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan-saglygyny, uzak ömri, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriniň hemişe rowana ýollarda üstünliklere beslenmegini arzuw etdiler.

Halkara ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda gurnalan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplarynyň, ylym-bilim ulgamynda, daşky gurşawy goramakda gazanylan üstünlikleriň sergisi maslahata gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

* * *

*8-nji aprelde* Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda sanly ulgam arkaly geçirilen «Durnukly ösüşi üpjün etmegiň esasy ugry: ekologiýa bilimi we daşky gurşawy goramagyň häzirki zaman meseleleri» atly halkara ylmy-amaly maslahaty öz işini bölümlerde dowam etdi.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň «Ekologiýa bilimini ösdürmekde innowasiýa tehnologiýalarynyň orny», «Suw we ýer baýlyklaryny rejeli peýdalanmagy dolandyrmagyň usullary» hem-de «Biologiýa dürlüligi öwrenmegiň we goramagyň esasy meseleleri» atly bölümlerinde Russiýa Federasiýasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Wengriýanyň, Beýik Britaniýanyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň, Demirgazyk Makedoniýanyň, Polşanyň, Belgiýa Patyşalygynyň, Rumyniýanyň, Hindistanyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Ýaponiýanyň, Wýetnamyň, Koreýa Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Nigeriýa Federatiw Respublikasynyň, Alžiriň hem-de Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag institutlarynyň 74-üsinden 180-den gowrak professor-mugallymlar, alymlar alyp barýan ylmy-barlag, ylmy-usuly işleriniň netijeleri boýunça maslahatlaşdylar, tejribe alyşmaga mümkinçilik aldylar.

Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygynyň çäginde Türkmenistanyň sebitleýin we ählumumy derejede daşky gurşawy goramak baradaky konwensiýalaryň işjeň agzasy hökmünde howanyň häzirki zaman üýtgeýän şertlerinde suw we ýer baýlyklaryny, biologiýa köpdürlüligini gorap saklamaga, köpeltmäge, olardan rejeli peýdalanmaga, ýaşlaryň ekologiýa bilimini, medeniýetini kämilleşdirmäge degişli wezipeleri gyşarnyksyz berjaý edýär. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli döwlet ekologiýa syýasaty esasynda häzirki döwürde sebit ähmiýetli işleriň hem yzygiderli durmuşa geçirilýändigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Halkara maslahatyň ýapylyş dabarasynda oňa gatnaşyjylar ekologiýa we daşky gurşawy goramak ugrunda halkara tejribesini öwrenmekde hem-de ekologiýa abadançylygyny üpjün etmekde alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriniň rowaç bolmagyny arzuw etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANŞMAGYŇ ÝOLY BILEN

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy hem-de 18-nji aprel – Bütindünýä mirasynyň halkara güni mynasybetli Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag merkezleriniň professor-mugallymlarynyň, alymlarynyň, ylmy işgärleriniň, aspirantlarynyň we doktorantlarynyň, ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň, ÝUNESKO-nyň assosirlenen mekdepleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly «Medeni mirasy öwrenmekde we goramakda halkara parahatçylygyň hem-de ynanyşmagyň orny» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi.



Halkara ylmy-amaly maslahata Russiýa Federasiýasynyň, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň, Italiýa Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Bolgariýa Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Ermenistan Respublikasynyň, Hindistan Respublikasynyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Kamerun Respublikasynyň, Owganystanyň, Gruziýanyň hem-de Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag institutlarynyň 69-ysyndan jemi 210-dan gowrak professor-mugallymlar we alymlar, ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň agzalary alyp barýan ylmy-barlag hem-de ylmy-usuly işleriniň netijelerini ara alyp maslahatlaşmak, tejribe alyşmak maksady bilen gatnaşýarlar. Halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşyjylaryň 60-a golaýy daşary ýurtlardan sanly ulgam arkaly, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag institutlarynyň professor-mugallymlarynyň, alymlarynyň, ylmy işgärleriniň, doktorantlarynyň, aspirantlarynyň, şeýle-de, ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň agzalarynyň 150-den gowragy ylmy nutuklary bilen gatnaşdylar. Halkara ylmy-amaly maslahata sanly ulgam arkaly daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag edaralarynyň 42-sinden alymlaryň we professor-mugallymlaryň gatnaşmagy ýurdumyzyň medeni mirasy öwrenmekde hem-de goramakda halkara hyzmatdaşlygynda alyp barýan oňyn bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýörelgelerinden ugur alýandygyny dabaralandyrdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça meseleleri ÝUNESKO guramasy bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bilim ulgamy babatyndaky hyzmatdaşlygy ýylsaýyn berkidilýär. Häzirki wagtda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 2-sinde ÝUNESKO kafedralary, 5-sinde ÝUNESKO klublary açyldy, umumybilim berýän mekdepleriň 6-sy bu guramanyň assosirlenen mekdepler toruna goşuldy.

Şular bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda taýýarlanylyp, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen üstünlikli amala aşyrylýan «Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerini 2024-nji ýyla çenli halkara derejeli ýokary okuw mekdepleriniň sanawyna goşmak boýunça geçirilmeli çäreleriň meýilnamasyna» laýyklykda alnyp barylan işler oňyn netijelere beslendi. Bu meýilnama laýyklykda, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri, şol sanda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti birnäçe halkara sanawlarynda mynasyp orun eýeledi. Olaryň arasynda ÝUNESKO-nyň howandarlygyndaky Halkara uniwersitetler bileleşigine aýratyn orun degişlidir. Bu bileleşik 1950-nji ýylda döredilip, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmakda, ylym-bilim ulgamynda tejribe alyşmakda örän ähmiýetlidir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 10-usynyň, şol sanda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hem bu sanawa goşulmagy bellenilmäge mynasypdyr.

* * *

Halkara ylmy-amaly maslahatyň umumy mejlisinde çykyş edenler soňky ýyllarda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagyň we Türkmenistanyň Çuňňur hormatlanylýan Prezidentiniň taýsyz tagallalary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň barha ösdürilýändigini bellediler. Çykyşlarda dürli ýyllarda Gadymy Merw, Köneürgenç taryhy-medeni ýadygärlikler toplumynyň, Gadymy Nusaý galalarynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň, «Görogly dessançylyk sungaty», «Küştdepdi aýdym we tans dessury», «Türkmen halyçylyk sungaty», «Dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty», «Türkmen keşdeçilik sungaty», «Molla Ependiniň şorta sözlerini gürrüň berijilik däbi», «Ýüpekçilik we dokmaçylykda ýüpek önümçiliginiň däpleri», «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» ýaly gymmatlyklarymyz bolsa ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň, Magtymgulynyň golýazmalar toplumynyň bolsa «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilendigini we dünýä derejesinde uly ykrarnama eýe bolandygyny nygtadylar. Şonuň ýaly-da, häzirki wagtda Türkmenistan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallary bilen şöhratly taryhy müňýyllyklara uzaýan türkmen halkynyň medeni-taryhy, ruhy-ahlak we beýleki gymmatlyklary bolan türkmen alabaýlaryny ýetişdirmek sungaty, çaga sallançagyny bejermegiň däpleri we hüwdiniň ýerine ýetirijilik sungatyny Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek; gadymy Änew medeniýetiniň Altyndepe we Ulugdepe ýaly ösen merkezlerini, Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen gadymy Dehistanyň arheologik ýadygärliklerini, Köýtendagyň dag ekoulgamyny Bütindünýä mirasynyň sanawyna; Arkadag şäherini ÝUNESKO-nyň döredijilik toruna, onuň bilim edaralaryny bolsa guramanyň assosirlenen mekdepler toruna girizmek boýunça işleriň alnyp barylýandygyny belläp geçdiler.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasynda çykyş eden daşary ýurtly we türkmenistanly professor-mugallymlar, alymlar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan hoşniýetlilik syýasaty esasynda Garaşsyz we hemişelik Bitarap ýurt hökmünde Türkmenistan tarapyndan dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň pugtalandyrylmagy bilen bir hatarda, häzirki zaman dünýä jemgyýetçiliginiň möhüm meseleleriniň biri bolan medeni-ynsanperwer ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde diňe bir sebit derejesinde däl, eýsem, bütin dünýä ähmiýetli işleriň hem amala aşyrylýandygyny nygtap bellediler. Munuň aýdyň subutnamasyny hormatly Prezidentimiziň ýaňy-ýakynda Ýaponiýa eden saparyndan hem görüp bolýandygy çykyşlarda nygtaldy. Ýaponiýa saparynyň çäklerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyz Osaka şäherinde 160-a golaý ýurduň gatnaşmagynda geçirilýän «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisiniň Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaralara gatnaşyp, Türkmenistanyň häzirki zaman jemgyýetindäki durmuş-ykdysady tehnologik ösüşlerini beýan edýän gymmatlyklar bilen bir hatarda, köpasyrlyk şöhratly taryhymyzy öz içine alýan milli gymmatlyklarymyzyň gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrandygy bellenilip geçildi. Hususan-da, halkymyzyň şöhratly taryhynyň, taryhy we meşhur şahsyýetleriniň, milli mirasynyň bu günki gün dünýäniň abraýly halkara guramalarynyň nazarynda durýandygy nygtaldy.

Şonuň ýaly-da, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyza peşgeş beren kitaplarynda hem milli öwüşginleriň, ruhy nepisligiň, ahlak gymmatlyklarynyň, taryhy-medeni mirasyň belent beýanynyň uly buýsanç bilen şöhlelendirilýändigi, Milli Liderimiz Alym Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň eserleriniň milli gymmatlyklarymyzy gorap saklamakda, wagyz etmekde, geljekki nesle ýetirmekde bahasyna ýetip bolmajak gollanmadygy nygtaldy. Çykyşlarda milli mirasymyzy aýap saklamak baradaky işleriň wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenilendigi, gadymy türkmen topragynda taryhy-medeni ýadygärlikleriň, milli gymmatlyklaryň ençemesiniň ýerleşýändigi, gadymy döwürlerden bäri ylmyň, edebiýatyň hem-de sungatyň ösen ýeri hökmünde giňden meşhurdygy beýan edildi. Munuň özi ýaş nesilleriň kalbynda ata-babalarymyzdan şu günlere gelip ýeten gadymy gymmatlyklarymyza söýgi döretmek bilen, şöhratly taryhymyzy, taryhy şahsyýetlerimizi we milli mirasymyzy giňden wagyz etmekde aýratyn ähmiýetlidir.

Maslahata gatnaşan daşary ýurtly professor-mugallymlar, alymlar özleriniň çykyşlarynda dost-doganlyk ýörelgeleri täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagyň we Türkmenistanyň Çuňňur hormatlanylýan Prezidentiniň tagallalary bilen dowamat-dowam bolýandygyny nygtap bellediler.

* * *

Halkara ylmy-amaly maslahatyň işi «Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty – medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň binýady», «Türkmenistan – ÝUNESKO: milli we bütindünýä medeni mirasy goramak boýunça tagallalar», «Medeni mirasy öwrenmegiň ylmy ugurlary» hem-de «Türkmen halkynyň we dünýä halklarynyň maddy-ruhy medeniýeti: täze barlaglar we seljermeler» atly bölümleriň 4-sinde alnyp barlar. Türkmen we daşary ýurtly professor-mugallymlar, alymlar, ylmy işgärler, doktorantlar, aspirantlar maslahatyň meýilnamasynda göz öňünde tutulan ylmy nutuklar bilen çykyşlar ederler, medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça pikir alşarlar.

* * *

Halkara ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda gurnalan sergide Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy maglumatlara baý bolan kitaplary, ylym-bilim ulgamynda, milli amaly-haşam sungatymyzy, şöhratly taryhymyzy, milli mirasymyzy beýan edýän taslamalar, şonuň ýaly-da, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar topary tarapyndan ýerine ýetirilen aýdymlar, ýaňlanan mukamlar sergä gatnaşyjylarda täsir galdyrdy.

Halkara maslahatyň umumy mejlisiniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar milli gymmatlyklaryň halkara jemgyýetçiligi tarapyndan öwrenilip, häzirki zaman jemgyýetiniň kämilleşmegi ugrunda alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan-saglygyny, uzak ömri, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriniň hemişe rowana ýollarda üstünliklere beslenmegini arzuw etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# 7-nji aprel — Bütindünýä saglyk güni

## SAGLYK – BAŞ BAÝLYK

**Ýurdumyzda** saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda soňky ýyllarda gazanylan uly üstünlikler ilatyň saglygyny goramak, ýaşaýyş-durmuş, fiziki we akyl taýdan ösüşini üpjün etmek boýunça ägirt uly tagallalaryň edilýändigini aýdyň beýanydyr. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasy häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu strategiýa jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeň wagyz etmekden başlap, dürli görnüşli keselleri bejermegiň iň täze we täsirli usullaryny ulanmaga çenli saglygy goraýşyň milli nusgasyny döretmäge gönükdirilen düýpgöter täze çemeleşmeleri öz içine alýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramak baş wezipedir. Bu wezipe ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak we daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işleriň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

Soňky ýyllarda Ýewropanyň we Aziýanyň öňdebaryjy hünärmenleri bilen ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň çäklerinde bilelikdäki taslamalardyr maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär, dürli keselleriň öňüni almagyň, anyklamagyň, bejermegiň öňdebaryjy usullary ornaşdyrylýar. Lukmançylyk we ylmy diplomatiýada hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny ösdürmek bilen, Türkmenistan dünýäniň iri ugurdaş we ylmy-barlag merkezleri, halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG hem-de onuň ýöriteleşdirilen edaralary, şol sanda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen gatnaşyklarynyň gerimini has-da giňeltdi. Bu bolsa onyň netijeleri berip, ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygynyň ýokarlanmagy ýaly esasy görkezijilere gönüden-göni täsir edýär. Halkara güwänamalaryň gowşurylmagy, BSGG-niň türkmen lukmanlary tarapyndan toplanan tejribäni içgin öwrenmek baradaky maslahatlary ýurdumyzyň birnäçe ýokanç keselleri ýok etmekde gazanan üstünlikleriniň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Gahryman Arkadagymyzyň sport bilen meşgullanmak we ony wagyz etmek bilen bagly asylly başlangyçlaryny dowam etdirmek bilen, işjeň, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň peýdasyny iş ýüzünde tassyklap, watandaşlarymyza nusgalyk görelde görkezýär. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda geçirilýän iri sport çärelerine, şol sanda Bütindünýä saglyk güni mynasybetli guralýan köpçülikleýin welosipedli ýörişe yzygiderli gatnaşýar. Her ýylyň 7-nji aprelinde uly ruhubelentlik bilen bellenilýän bu senä gabatlanyp guralýan «tegelek stol» duşuşyklary, ylmy-amaly maslahatlar, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlar, görkezme çykyşlary, wagyznesihat, bedenterbiýe-sagaldyş we medeni çäreler talyp ýaşlary, edarakärhanalaryň işgärlerini, türgenleri bir ýere jemleýär.

Ýurdumyzda sport bilen meşgullanmak barha meşhurlyk gazanýar. Şol bir wagtyň özünde, ruhubelentligiň we sagdynlygyň nyşany bolan sport beýleki jemgyýetçilik özgertmeleri üçin hereketlendiriji güýç bolup çykyş edýär. Sagdyn durmuş ýörelgesini, sporty wagyz etmegiň jemgyýetiň we döwletiň bähbidine ýaşlaryň mümkinçiliklerini iň ýokary derejede durmuşa geçirmäge gönükdirilen ýaşlar syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolmagy tötänden däldir.

Çagalary hemmetaraplaýyn alada, mähir we söýgi bilen gurşap almak türkmen halkyna mahsus ýörelgedir. Munuň özi häzirki wagtda ýaş nesliň abadan geljegi ugrunda durmuşa geçirilýän asylly işlerde has aýdyň ýüze çykýar. Bu ugurda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň giň gerimli işleri alyp barýandygyny bellemek gerek. Çagalara paýtagtymyzyň, welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek, bejergi üçin çykdajylara, çagalar öýlerinde we mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaş raýatlar üçin lukmançylyk maksatly enjamlary satyn almaga pul serişdelerini bölüp bermek asylly däbe öwrüldi.

Häzirki wagtda Milli saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny has-da kämilleşdirmäge, täze taslamalary durmuşa geçirmäge, bu ulgamlaryň alyp barýan köpugurly işini giňeltmäge döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys!

**Laçyn BEGZADAÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**III ýyl talyby.**

## SPORT SAGLYGYŇ SAKASYDYR

**Sport** – *sagdynlyk we ruhubelentlik.*
**Sport** – *bagtyýarlygyň gözbaşy.*
**Sport** – *sagdyn durmuşyň güwäsi.*
**Sport** – *ynsan saglygynyň girewi.*
**Sport** – *parahatçylygyň ilçisi.*
**Sport** –*üstünliklere badalga.*
**Sport** – *ýeňişlere uzaýan ýol.*
**Sport** – *tutanýerlilik we şähdaçyklyk.*
**Sport** – *halklaryň arasyndaky dostluk köprüsi.*
**Sport** – *sagdynlygyň we gözelligiň gönezligi.*
**Sport** – *ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki abraýy.*
**Sport** – *ýaşyl Tugumyzyň al-asmanda parlamagy.*
**Sport** – *dostlukdyr, jebislikdir, mertebedir.*
**Sport** – *hereketdir, hereket saglykdyr, saglyk şatlykdyr, şatlyk gözellikdir, gözellik bolsa buýsançdyr.*



## KÄMILLIGIŇ ÝOLY SAGLYKDAN BAŞLANÝAR



**Adamzat** üçin bahasyna ýetip bolmajak baýlyklaryň biri hem saglyk bolsa gerek. Gadymy grek akyldary Sokrat: «Saglyk — ähli zat diýmek däl. Emma saglyk bolmasa ähli zat hiç zatdyr» diýip belleýär. Şundan ugur alynsa, adam ömrüniň ähli lezzeti, şatlyk-şowhuny saglygy bilen berk baglanyşyklydyr. Sport bilen yzygiderli meşgullanýan adamyň beden, akyl we ruhy taýdan sagdyn bolýandygy ylmy esasda subut edilendir.

Saglyk we sport — bu aýrylmaz bitewi düşünjelerdir. Sebäbi sport bilen dowamly meşgullanmak ynsana saglyk we bagtyýarlyk eçilýär. Şunuň bilen birlikde, ynsanda tutanýerlilik, maksada okgunlylyk, zähmetsöýerlik ýaly häsiýetler kemala gelýär, döredijilik höwesi artýar. Şu nukdaýnazardan, ynsanlaryň, hususan-da, ýaş nesilleriň durmuşynda sportuň bimöçber ähmiýetiniň bardygyny ikirjiňlenmän aýtmak bolar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleri, bedenterbiýe we sport giňden wagyz edilip, jemgyýetçilik hem-de döwlet bähbitli işler durmuşa geçirilýär. Şeýle döwletli işleriň netijesinde, ýurdumyzyň ähli künjeginde döwrebap sport toplumlary açylyp, şol bir wagtda bilim ojaklarynda we mekdebe çenli çagalar edaralarynda hem sport desgalary, has takygy, futbol, basketbol, woleýbol meýdançalary, döwrebap sport zallary gurlup ulanylmaga berilýär. Döwrebap desgalarda köpçülikleýin sport ýaryşlarynyň yzygiderli geçirilmegi ýaşlaryň berk bedenli, ruhy taýdan sagdyn nesiller bolup ýetişmeklerine itergi beriji güýç bolup durýar.

Sport bilen meşgullanýan adamlar durmuşa has ynamly we hyjuwly garaýarlar. Bu bolsa işde, durmuşda aýgytly bolmagy terbiýeleýär. Beden saglygynyň berýän kuwwaty arkaly adam işden çekinmeýär, tersine ondan güýç alýar. Adamyň bedeniniň berkligi, gözelligi, özüne bolan ynamy has-da artýar.

Hawa, beden saglygy ýaly ruhy saglyk hem zerur. Sport bilen dowamly meşgullanýan ynsanda öz pikirlerine içgin çemeleşme ukyby kemala gelýär. Meselem, ertiriň tämiz çagynda ýörişe ýa-da ylgamaga çykan bolsaňyz, düýnki pikiriňiziň kämilleşýändigini duýýansyňyz. Eger-de siz döredijilik adamy bolsaňyz, onda irki ýörişde diňlän aýdym-sazlaryňyz siziň döredijilik ruhuňyza hem täsirini ýetirip bilýär. Şeýle-de akyl oýunlarynyň hem adamyň durmuş ornuny tapmaga ýardam edýändigini unutmalyň!

Ruhy saglyk — bu adamyň beden saglygy bilen berk baglanyşyklydyr. Eger biz sport bilen birlikde kitap, kino, teatr we beýleki medeni işjeňliklere wagt aýyrsak, bu biziň ruhumyzyň baýlaşmagyna getirer. Bularyň ählisi ruhy iýmitdir. Bedeniň dürli witaminlerden iýmitlenişi ýaly, kitabyň, kinonyň, teatryň, sazyň hem ruhy saglygymyza uly täsiri bar. Bularyň ählisi bize ruhy lezzet paýlaýar. Hut şu nukdaýnazardan, dili senaly türkmen halky hemişe: «Ruhuňyz belent bolsun!» diýip arzuwlaýar.

**Annamyrat EÝEBERDIÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň IV ýyl talyby.**

# Aprel aýynyň soňky ýekşenbesi — ahalteke bedewiniň milli baýramy

## «Eý, aty ýüwrük ýigit!» Magtymuly Pyragynyň bu şahyrana sözleri häzirki döwürde aýratyn buýsançly ýaňlanýar





Her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde şöhraty dünýä dolan we keşbi milli nyşanymyza öwrülen türkmen bedewiniň baýramy dabaraly bellenilýär. Bu dabaraly waka mynasybetli şöhratly bedewlerimiz hakynda söhbet etmek aýratyn ýakymlydyr.

Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň göreldesi bilen, Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň başda durmagynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew batly ýurdumyzda atşynaslygy we atçylyk sportuny ösdürmäge döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýär.

Ahalteke bedewlerinde hem gaýduwsyzlygyň, hem çydamlylygyň, hem ýyndamlygyň we gözelligiň jemlenmeginiň özüni gudrat hasaplap bolsa gerek. Olar elmydama öz eýesine wepalylygy, hüşgärligi bilen goç ýigide güýç-gaýrat berip gelipdirler. Şan-şöhrata beslenen gahrymançylykly taryhymyzyň dowamynda türkmen goç ýigidini aýratyn häsiýetlendirýän mertlik, batyrlyk, gaýduwsyzlyk keşbi barada söz açylanda, bu häsiýetler, ilkinji nobatda, bedew atlar bilen aýrylmaz baglanyşdyrylypdyr. Bu babatda Magtymguly Pyragynyň: **«At gazanar goç ýigidiň, // Owal bedew aty gerek»** ýa-da: **«Ýigidiň bolmasa ýaragy, aty, // Muny ýagşy biliň, ýokdur gaýraty»** ýaly setirlerinde nygtandygyny-da ýatlamak bolar.

Türkmen bedewleriniň keşbi wepalylygyň nusgasy hökmünde edebi mirasymyzda mynasyp orun eýeläp gelýär. Iňňän duýgur ahalteke atlary özlerine edilýän hoşamaýlyklara, üns-aladalara ýürekden jogap berýän, goç ýigit üçin ähli zada taýýar ýürekdeş jandar hasaplanypdyr. Nusgawy şahyrymyz Annagylyç Mätäji «At wepadary ýigidiň» diýip bedew atymyzy taryplan bolsa, meşhur «Görogly» eposymyzyň tutuş dowamynda: **«Janym Gyrat derkar boldy, // At kişiniň gardaşydyr»** diýen terzdäki pikirler eriş-argaç bolup geçýär. **«Kyn günümde syrdaşym...»** diýip ýüzlenýän bedewi agyr pursatlarda onuň dadyna ýetişýär. Gyrat çarpaýyna galyp, agzyny açyp, gulagyny ýapyryp, ganymyň üstüne topulýar, ençeme duşmany helākleýär, agyr söweşde ýaradar bolan Görogly begi jeň meýdanyndan alyp çykýar. Ysgyndan gaçan ýaradar Görogly atdan bir ýana agyberjek bolanda hem ony ýykman, çeýe hereket edýär. **«On sekiz ýerimden düşdi ýaramyz, // Gyrat, meni Çandybile sen ýetir»** diýip, ondan haraý islän mahaly, öz eýesini ynjytman, Çardagly Çandybile alyp barýar we tüýs at wepadarlygynyň nusgasyny görkezýär. Gyrat iň bir dartgynly ýagdaýlarda hem eseriň baş gahrymany hökmünde ýakyn gardaşy kimin onuň ýanyndan aýrylanok. Göroglynyň gapyllykda duşman toruna düşjekdigini syzan Gyrat tebil tapyp, gazygynyň daşynda howsalaly aýlanyberýär. Göroglynyň: **«Başyňa döneýin Gyrat, // Neçüýn durman aýlanar sen»** diýip, oňa ýüzlenişi ýa-da eýesi bialaç duşman goluna düşende, perişan halda esli meýdan onuň yzyna düşüp barşy, soňra bolsa dagy-daşy elendirip kişňäp, şol ýowuz ýagdaýy habar bermek üçin okdurylyp Çandybil galasyna baryp, gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp durmagy... ahalteke atynyň hakyky wepalylyk häsiýetini görkezýär.

...Gyrat gaýry ýurda ogurlanyp äkidilende, Göroglynyň ençeme menzil ýol söküp, uzak aýralykdan soň öz söýgüli aty bilen didarlaşan mahaly, onuň ýüz-gözüni ogşap, maňlaýyny sypap: «Wah, syrdaşym, basdaşym, ýaman günde ýoldaşym, Gyrat sen» diýip ýüzlenýän pursaty örän tolgundyryjydyr. Görogly özüni Gyratsyz göz önüne getirip bilmeýär. Onuň goluna sazyny alyp buýsanç bilen:

**Bedewiň asly behiştden,**
**Berekella, Gyrat, saňa.**
**Nalyň tylladan, kümüşden,**
**Berekella, Gyrat, saňa!** – diýen sözlerinde öz atyna bolan, gör, nähili buýsanç duýulýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda «Ýüwrük atyň bahasy bolmaz» diýlen türkmen halk nakyly getirilýär. Bu nakylyň beýanyna biz bu şadessanyň dowamynda hem köp gabat gelýäris. Bir söweşde Jafar paşa ondan Gyratyň bahasyny soranda, Görogly beg: **«Gyratyň bahasyn diýsem, // Sen deý şadan ýüz bolaýdy»** diýip, onuň bahasyna ýetme ýokdugyny çürt-kesik aýdýar. Agaýunus periniň: **«Görogly beg, sen Gyrat bilen Göroglusyň»** diýip ýüzlenmesi-de, Göroglynyň gahrymançylyga beslenen ömrüniň dowamynda onuň atyna näderejede möhüm orun degişli bolandygyny görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Ganatly bedewler», «Atda wepa-da bar, sapa-da» ýaly eserlerinde türkmen bedewleri hakynda örän beletlik bilen täsirli, egsilmez buýsançly gürrüň edilip, türkmen bedewiniň waspy belentden-belent ýetirilýär. Biz milli gymmatlygymyza bagyşlanan bu çuň manyly kitaplar arkaly ahalteke atlary barada örän köp gyzykly maglumatlary öwrenýäris.

Hormatly Prezidentimiz: «Bu dünýäde çapylýan bedew atlaryň ähli görnüşli tohumlarynyň, şol sanda arap, iňlis atlarynyň hem ahalteke bedewlerinden gelip çykýandyklaryny tassyklaýan maglumatlar bar» diýip belleýär.

Atşynaslaryň, bedew muşdaklarynyň pikirçe, ahalteke bedewleri dünýäde iň çydamly atlaryň biridir. Olar yssa-sowuga pugta döz gelmek bilen, otsuz-suwsuz uzak menzilleri aşmaga, gysga we orta çapyşyklardaky aralygy ýokary tizlikde geçmäge ukyplydyrlar hem-de atçylyk sportunyň dürli görnüşleri üçin örän werzişdirler. Sagdyn, güýçli ahalteke atlary seýrek keselleýärler. Olar erkin, özüne hormat goýýan we gödek daraşylmagyna ýol bermeýän bedewleriň hilindendir. Bu babatda «Görogly» şadessanynyň «Kempir» şahasynda öz üstündäki Şahaly nökerden **«Çandybiliň Göroglusy ölendir, Bizem eýe bolsak maly-mülklere»** diýen ýakymsyz sözleri eşidende, Gyratyň üç naýza boýy atylyp, ony şol belentlikden kelemenledip goýberýän pursatyny ýatlamak bolar.

Ynamly, dogumly bedewi synlanyňda, onuň özboluşly ajaýyp häsiýetleriniň ýene birnäçesi ýüze çykýar. Parahat, dowla düşmezek bu bedewler seýkin basyşly, manyly bakyşly, uzyn boýly, akylly we düşbi bolup, öz asylly, agras ýörişi, täsin görnüşi bilen görenleri haýran edýärler. Olar özlerine her dürli şertlerde ideg-yssywat edilmegine hem tiz uýgunlaşýarlar. Innoterapiýa, ýagny dürli keselleri at çapmak, onuň bilen «sözleşmek» arkaly em etmek babatda hem bedewler ähmiýetli hasaplanylýar. Şu ýerde serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdiniň: **«Bedew münen hassa bolsa sag olur»** diýen setiri, Göroglynyň: **«Janym Gyrat, gam günümde syrdaşym...»** diýen ýaly sözler bilen ata ýüzlenýän pursatlary ýada düşýär.

Ata-babalarymyz asyrlarboýy ahalteke bedewleriniň arassa ganlylygyny saklamak üçin köp tagallalary edipdirler. Bedewleriň nesil ugrunyň iki tarapynyň-da ýedi arkasyna çenli arassa ganlylygyny pugta ýzarlapdyrlar. Asyl ganly tohum atlary seýrek tapylýan gymmatlyk hökmünde gözüň göreji deýin goralyp, aýalyp saklanypdyr.

Eziz Diýarymyzyň ähli welaýatlarynda döwrebap atçylyk-sport toplumlary gurlup, ýurdumyzyň köp sanly medeni köpçülik, sport çäreleriniň geçirilýän binalarynyň üstüni ýetirdi.

Olarda geçirilýän at çapyşyklarynda uly baýraklaryň goýulmagy türkmen bedewine bolan hormat-sylagdan nyşandyr. Hormatly daşary ýurtly myhmanlaryň atçylyk toplumyna baryp, türkmen behişdi bedewlerini synlamak bilen, haýran galmadan ýaňa tüýs ýürekden aýdýan öwgüli sözlerini eşideniňde, buýsançly başyň gök direýär.

Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň bu döwletli işleri pugta üns merkezinde saklanmak bilen, ahalteke atlarynyň meşhurlygyny artdyrmak babatda dürli tutumly işler yzygiderli dowam etdirilýär. Türkmen bedewiniň şöhratyny Ýer ýüzüne ýaýmak üçin döredilip, ençeme ýurtdan hünärmenleri, atşynaslary, alymlary, bedewleriň muşdaklaryny özünde jemleýän Ahalteke atlarynyň halkara assosiasiýasy dünýäde ahalteke atlarynyň baş sanyny artdyrmagy, olaryň tohumçylyk we sport ugurlaryny ösdürmegi maksat edinýär.

Halkara derejesinde ahalteke atlarynyň abraýyny ýokarlandyrmak, tohum arassaçylygyny gorap saklamak, ahalteke atlaryny öwrenmegiň ylmy barlag işlerini geçirmek we ösdürip ýetişdirmegiň maksatnamasyny işläp düzmek, atlaryň sergilerini, gözellik bäsleşiklerini guramak we başgalar bu guramanyň öňünde duran esasy wezipelerdir.

Ahalteke bedewlerimiz halkara ýaryşlarda ýokary üstünliklere eýe bolup, bütin dünýäde ykrar edilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Monako Knýazlygynda saparda bolýan günlerinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň Monte-Karloda geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagy-da, türkmen bedewiniň şöhratyny has-da belende göterdi.

Bu günki günde ýurdumyzda ajaýyp bedewlerimize bagyşlanyp birnäçe bäsleşikler, maslahatlar geçirilýär, žurnal neşir edilip, dokumental filmler, çeper eserler döredilýär, kitaplar ýazylýar, teleradio gepleşikleri taýýarlanylýar, makalalar çap edilýär. Türkmen bedewiniň şanyna düzülen aýdym-sazlaryň bolsa sanasaň sogaby köp diýlenidir. «Meýdan içinde», «Demir donly Görogly», «Mert oldy», «Aldy janymy», «Sen ýetir» ýaly onlarça halk aýdymlary meşhur bagşylarymyzyň, estrada aýdymçylarymyzyň repertuaryny bezeýär. «Göroglynyň at oýnadyşy» we başga sazlary dutarçy sazandalarymyz ürç edip çalýarlar. Milli Liderimiz: «Ahalteke bedewi sirkiň arenasynda hem ajaýypdyr! Ol sirk tilsimlerini ussatlyk bilen ýerine ýetirýär. Bedewiň manežde milli oýunlary-passažlary, tans hereketlerini ýerine ýetirişlerine haýran galýarsyň» diýip nygtaýar.

Türkmen ýigitleriniň atylan ok kimin ýyndam bedewleriň üstünde ýerine ýetirýän çala göze ilip galýan aňk ediji oýunlary, iniňi dygladýan çeýe maşklary — hereketleri bedew üstündäki sazlaşykly sirk oýunlarynyň tomaşaçylarynyň hemmesini haýran edýär. Gahryman Arkadagymyz «Uly baýramlaryň, tomaşaly toýlaryň, mähelleli aýlawlaryň bezegi bolan, ýöränden seýkin basyp, çapanda ýerläp uçýan üsti şemally bedewlerimiz türkmeniň köňül ganatydyr, milli buýsanjymyzdyr. Buýsançly başlaryny belent tutup, ynsanyň wepaly dosty, aýrylmaz ýoldaşy hem-de ýakyn syrdaşy bolan meşhur bedewlerimiziň gelip çykyşy biziň eýýamymyzdan ozalky müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýär» diýip belleýär.

Milli Liderimiziň bedew atlarymyza bolan guwanjy, ajaýyp çapyksuwarlygy, at üstündäki tilsimlere erk edişi bizde uly buýsanç döredýär. Şeýle ajaýyp pursatlar Türkmenistanyň Gahrymany Gözel Şagulyýewanyň:

**Undup bilmez bu pursaty synlan göz,**
**Ejiz gelýär, tarypyňa sözlän söz,**
**Gaýratyňda Röwşenmiň , ýa Savannah?**

**Sen ak atda, Sen gyr atda, ganatda**
— diýip başlanýan «Sen ak atda, Sen gyr atda, ganatda» atly şahyrana eserinde ussatlyk bilen öz şöhlelenmesini tapýar.

Türkmenistanyň Döwlet tugrasynda şekili ýerleşdirilen ahalteke atlary ýurdumyzyň milli baýlygynyň bir bölegi hökmünde döwlet syýasatynyň möhüm ugrudyr. Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylmagy we onda atçylygy öwrenmek boýunça ýörite hünärmenleriň ýetişdirilip başlanmagy bolsa ahalteke bedewleriniň oňat geljeginiň bardygyny aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, «at çykmak» diýen düşünje şatlykly wakanyň buşlugyny aňladýar. Ynha, geçen ýyl hem nobatdaky gezek türkmeniň aty çykdy. Bitarap Türkmenistan 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky BMG-niň Baş Assambleýasynyň kararnamasynyň öňbaşçysy bolup çykyş etdi we onuň biragyzdan goldanylmagyny gazandy. Bu döwletli iş bedew batly ata Watanymyzyň abraýyna abraý, mertebesine mertebe goşup, bagtyýar halkymyzyň buýsanjyny artdyrdy. Hawa, biz eziz Diýarymyzyň ähli ugurlardaky ynamly ösüşlerini bedew badyna deňeýäris. Bedew bady – bagtyýarlygymyzyň binýady. Uly üstünliklere beslenýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» hem türkmeniň gadamy batly, aty has-da ýyndam we haýbatly. Göýä, bagtyýar döwrümizde özüne goýulýan uly sylag-hormaty «adam ýaly syzýan», dek buýsançly, ruhubelent, çarpaýa galan üsti goç ýigitli türkmen bedewiniň ak paýtagtymyza gelşik berip duran tyllaýy heýkeli bu gün has buýsançly görünýär we çar ýana gözellik çaýýar.

Geçen ýyl doglan gününiň 300 ýyllyk toýy dabaraly bellenilen akyldar şahyrymyzyň «Eý, aty ýüwrük ýigit!» diýen jümlesi bu gün ähli rowaçlyklarymyzyň nyşany hökmünde aýratyn döwrebap ýaňlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň:

**Pasly-bahar güle çümen çaglary,**
**Joş uranda sährä-düzi, daglary,**
**Göwün at üstünde ganat baglady,**
**Seýle çykyp alys ýollara, bedew**
— diýip başlanýan «Bedew» atly goşgusy seriňe dolup, göwnüň al-asmanda howalanýar we bir ajaýyp täsin pursatlary başdan geçirýärsiň.

**Agamyrat MÄMMEDOW,**
**žurnalistika kafedrasynyň**
**uly mugallymy,**
**Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti.**

# Talyp kalbynyň joşguny



## Watan!

Gülleýär, gül açýar bu ajap zaman,
Ýurt parahat, zemin asuda, aman,
Ýollarmyz uzaýar geljege rowan,
Ertire umytly daňlary atan,
Garaşsyz, Bitarap, berkarar Watan!

Dosty dogan eýlän ildir bu Diýar,
Baky bagta barýan ýoldur bu Diýar,
Kalpda ýagşy niýet, päldir bu Diýar,
Päk niýetli halkyň ak ýolun tapan,
Halky bilen bir jan, bir ten bu Watan!

Taryhy şöhratly, geçmişi şanly,
Görogly, Gorkutly hem Oguz hanly,
Topragy bereket, hazyna-känli,
Ozaldan bu ýurda bagt gülüp bakan,
Mert gerçekleň mekanydyr bu Watan!

Dünýä içre ykrar edip özüni,
Ýaňlandyryp parahatlyk sazyny,
Bagtyýar ösdürip ogul-gyzyny,
Sowulmajak ajap döwrana ýeten,
Behişde deňelen jennet — bu Watan!

Bu topraklar keramatdyr, keremdir,
Bu ýaýlalar bagy-bossan, eremdir ,
Dowamaty dowam bolup gelendir ,
Ak ýollarda aýdyň maksatlar tutan,
Arkadag Serdarly ildir bu Watan!

## Bitarap ýurdum

Tagzym edip bir ynanja, ygrara,
Ýollar açyk haýyr işe ugrana,
Ertirleri aýdyň, geljek nurana,
Her bir güni toý-baýrama beslenen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Bitaraplyk berk binýady halkymyň,
Garaşsyzlyk göz guwanjym, ýalkymym,
Behişt nury düşen, Hakdan ýalkanan,
Mukaddesdir, keramatdyr mesgenim,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Pyragynyň çoh garaşan eýýamy,
Berkarar ýurt daýym arzuw eýläni,
Bu gün haýran edip bütin dünýäni,
Parahatlyk sazyn çalyp seslenen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.

Arkadagly Serdarymyz — arkamyz,
Arşa galýar abraýymyz, sarpamyz,
Kalbymyz umytly, nurly ertämiz
Mundan gaýry özge bagty islemen,
Bitarap, berkarar ýurduň nesli men.



## Uzaklyk

Gözlem alys menzilleriň ýşkynda
Hyýallarym bu älemden uzakda.
Köp oýlanýan ganat baglan arzuwlam,
Pursatlara jomart nesibäm hakda.

Men birine çynym bilen garaşýan,
Kim ol?
Ol nirede?
Bu niçik ahwal?
Umyt bilen sabryň birleşmeginden,
Şeýleräk duýgular döreýär, ahmal.

Mahmal begres geýen wagty ene ýer,
Meň dünýämde aňzak gysyň gary bar.
Bir giden mähelle,
Men bolsa ýeke,
Neçüýn, durmuş beýle sowuk daraýar.

Tukatlyk gurşapdyr çep tarapymy,
Gursakdan daşarda saz bar, aýdym bar.
Gözýaşlarym çykjak diýip dyňzap dur,
Ýöne gözler aglamaga ýaýdanýar.

Köp oýlanýan ganat baglan arzuwlam,
Pursatlara jomart nesibäm hakda.
Gözlem alys menzilleriň ýşkynda,
Hyýallarym bu älemden uzakda.

## Käbäme

Bilýän ynjyklygym, çäksiz näzimem
Bilýän aladamam hemişe ýetik,
Meň arzuwlam tutardan has uzakda,
Bilsem seň arzuwlaň yzyndan ýetip.

Ötüp barýar ýyllar, geçýär bu ýazlar,
Tutdurdyň elime ömrüň küregin,
Gaýtdym, ýat ýerlere senden alysa,
Ýöne goýdum seň ýanyňda ýüregim.

Başga ýerde özüne jaý tapmaz ol,
Üstüni gum basan goş-golam ýaly,
Sensiz galsa sanjy berer böwrüme,
Tamamlanman galan goşgulam ýaly.

Barýan arzuwlarmyň yzyna düşüp,
Oýnuna düşünmän çarhypelegiň.
Azaşdyrma, ykbal!
Eger azaşsam,
Ynanýaryn, halas eder dilegiň.

Agtyjagyň bilen gümrasyň bu wagt,
Hem demländir gök çaýyňy gelnejem.
Men barýançam , takat tapmaz bu göwün
Küýseýärin ak şähere gel, ejem!



## Kitaphanaçy gelnejä

Men-ä okamagy söýýän gelneje,
Senem mümkin okaýanyň aşygy,
Del kitaplar sorap barsam ýanyňa,
Haýyş, gahar edip çytma gaşyňy.

Ýadaýansyň munça kitap içinden,
Göwnün tapjak bolup her bir adamyň,
Irizse-de kitap diýip barýanlar,
Ýöne welin, kitaplardan ýadamaň.

Açyň oň gatlaryn, okaň boş wagtda,
(Ýöne boş wagtyňyz ýogam ýaly-la),
Şol dünýä girseňiz düşünersiňiz,
Mümkin kitap okaýanlaň halyna.

Çykyp bolmaz ýşka düşen aşyk deý,
Gitdikçe ýol uzaýanyn geňlärsiň,
Ol ýol-ýöremekden ýadalmaýan ýol,
Tersine, dert-aladaňdan ýeňlärsiň.

Ýöne, menden gowy düşünýänsiňiz,
Zähmet çekip niçe ýyllardan bäri,
Bilýän sizem kitaplary söýýäňiz,
Saýlanňyza görä şeýle hünäri.

Del kitaplar sorap barsam ýanyňa,
Haýyş, gahar edip çytma gaşyňy.
Men-ä okamagy söýýän, gelneje,
Senem, mümkin, okaýanyň aşygy

**Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,**
**roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň IV ýyl talyby.**



# Täzelikler

***5-nji aprelde*** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly we Bütindünýä saglyk güni mynasybetli «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Sagdynlyk abadançylygyň we üstünligiň gözbaşydyr» atly sport baýramçylyk dabarasy geçirildi.



Fakultetara sportuň woleýbol, basketbol, futbol, küşt, şaşka, düzzüm, stol tennisi, tennis, tanap çekmek, tigir sürmek, ýeňil atletika, göreş, agyr daş götermek görnüşleri boýunça geçirilen ýaryşlar we görkezme çykyşlar, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamyndan biziň günlerimize gelip ýeten ýaglyga towusmak ýaly milli oýunlary sport baýramçylyk dabarasyna gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

Sport baýramçylyk dabarasynda ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlary we bagtyýar talyp ýaşlary sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlara gatnaşyp, bu ugurda öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler.

Çäräniň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz, tans toparlary tarapyndan berkarar döwletimizi, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny, türkmen tebigatyny, türkmen sportuny şöhratlandyrýan aýdymlar aýdyldy we tanslar ýerine ýetirildi.

Sport baýramçylyk dabarasynyň ahyrynda oňa gatnaşyjy professor-mugallymlar we talyp ýaşlar tarapyndan nesilleri kämillik ruhunda terbiýelemekde, sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa geçirmekde, sagdyn nesli kemala getirmek ugrunda alyp barýan tutumly işleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna hoşallyk sözleri beýan edildi.

***



***8-nji aprelde*** Türkiýäniň Daşary ýurtlardaky türkler we garyndaş jemgyýetler edarasynyň başlygy Abdullah Ereniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiniň ýurdumyza saparynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedow we Türkiýäniň Daşary ýurtlardaky türkler we garyndaş jemgyýetler edarasynyň başlygy Abdullah Eren hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşyga gatnaşanlar Türkmenistanyň we Türkiýe Respublikasynyň ýolbaşçylaryna ylym-bilim babatynda hyzmatdaşlyk etmek ugrunda döredilýän mümkinçilikler üçin hoşallyk sözlerini aýtdylar.

***




Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rus dili we edebiýaty kafedrasynyň mugallymy J.Şamyýewanyň ýolbaşçylygynda rus dili we edebiýaty hünäriniň talyplary Russiýa Federasiýasynyň federal döwlet býujet edarasy «B.N.Ýelsin adyndaky Prezident kitaphanasy» tarapyndan 2024-nji ýylyň 14-nji oktýabry — 2025-nji ýylyň 3-nji apreli aralygynda geçirilen «Russiýa elektron dünýäsinde» atly olimpiadasyna «rus dili daşary ýurt dili hökmünde» ugry boýunça wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşyp, ýeňiji derejesine we baýrakly orunlara mynasyp boldular.

Olimpiadanyň netijeleri Russiýa Federasiýasynyň federal döwlet býujet edarasy «B.N.Ýelsin adyndaky Prezident kitaphanasynyň» resmi internet sahypasynda ýerleşdirilen.

***



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýigitleriniň arasynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Ýeňiş güni mynasybetli yglan edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bagtyýar gerçekleri» atly döredijilik bäsleşiginiň uniwersitet tapgyry geçirildi.

Bäsleşige gatnaşýan talyp ýigitler özleriniň saýlan hünärleriniň jemgyýetdäki ornuny çeper okaýyşlar bilen wasp etdiler. Bäsleşikde aýdym-saz, goşgy, monolog ýa-da sahna ýerine ýetirmek, şeýle-de şorta söz ýa-da degişme sahnasyny ýerine ýetirmek ýaly şertlerden ugur alyndy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen bu döredijilik bäsleşiginde himiýa fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Rüstem Saryýew ýeňiji diýlip yglan edildi we döwlet derejesindäki bäsleşige gatnaşmaga hukuk gazandy. Bäsleşikde baýrakly orunlara mynasyp bolan talyp ýigitler uniwersitetiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglandylar.

Döredijilik bäsleşigine gatnaşyjylar köp asyrlyk milli gymmatlyklarymyz esasynda häzirki zaman türkmen jemgyýetinde kämil ýaş nesli kemala getirmek, talyp ýaşlaryň döredijilik ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmak babatda döredilýän mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

***



***22-nji aprelde*** Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 131-nji orta mekdepde okuwçylaryň arasynda geçirilýän II Halkara matematika olimpiadasy badalga aldy. Halkara olimpiada 15 döwletden, şol sanda, ýurdumyzdan jemi 230-dan gowrak zehinli ýaşlar hem-de 50-ä golaý daşary ýurtly mugallymlar gatnaşdy, olar halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan myhmansöýerlik däpleri esasynda mähirli garşy alyndy. Halkara olimpiada Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hem-de iňlis dili we edebiýaty hünäriniň talyplary hem meýletinçiler hökmünde gatnaşdylar.

Mekdebiň öňündäki giň meýdançada guralan dabarada Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň «Güneş» hor topary hem-de Aşgabat şäheriniň Çagalar we ýetginjekler köşgüniň birleşen çagalar tans toparlary joşgunly aýdym-sazlary, tanslary bilen çykyş etdiler.

Halkara olimpiada gatnaşyjylar ýurdumyzyň mekdep okuwçylarynyň dürli ýyllardaky halkara bäsleşiklerde gazanan üstünliklerini we taslama işlerini, şekillendiriş sungatyna degişli eserlerini özünde jemleýän sergi bilen tanyşdylar. Olar Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitaplarynyň dünýä halklary üçin gymmatly çeşmedigini buýsanç bilen bellediler. Serginiň dowamynda mekdep okuwçylarynyň milli senetçilik we el işlerini ýerine ýetirýän pursatlary, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň «Mukam» çagalar skripkaçylar toparynyň «Sazlar çemeni» atly ýerine ýetiren saz eserleri myhmanlarda aýratyn täsir galdyrdy. Dabara gatnaşyjylar ýurdumyzyň gazanýan beýik ösüşlerine, bilim ulgamyndaky özgertmelerine, halkara derejede ykrar edilen üstünliklerine bagyşlanan wideoşekillere tomaşa etdiler. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň meýletinçi talyplary myhmanlara aragatnaşyk saklamakda ýakyndan ýardam berdiler.

Olimpiadanyň açylyş dabarasynda degişli ýolbaşçylar, halkara olimpiadanyň eminler toparynyň başlygy, daşary ýurt wekiliýetleriniň agzalary, daşary ýurtly we türkmenistanly mekdep okuwçylary gutlag sözleri bilen çykyş edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlaryň ylymly-bilimli, başarjaň adamlar bolup ýetişmekleri üçin döwletimiz tarapyndan ähli mümkinçilikleriň döredilýändigini bellediler.

***



***20 — 22-nji aprelde*** ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary Russiýa Federasiýasynyň ITMO uniwersitetiniň guramagynda 11-nji Demirgazyk döwletleriň uniwersitetleriniň talyplarynyň matematika bäsleşiginde şahsy hasapda 7 altyn, 9 kümüş medala mynasyp boldular. Bäsleşikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary Şabibi Nurjanowa, Hajymuhammet Ataýew, Orazguly Gylyjow altyn medala eýe boldular. Toparlaýyn bäsleşikde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň topary birinji orna mynasyp boldy.

Şeýle hem, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby Selbi Ruslanowa, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby Gülöwser Gylyçmämmedowa, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyplary Muhammet Annaýew, Mergen Meredow altyn medala, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyplary Rahmet Penjiýew, Kerim Toýlyýew, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby Döwletgeldi Şakirjanow, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby Yslam Haýytmuhammedow, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby Begenç Saparow, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplary Gurtgeldi Hanow, Myrat Janmyradow, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby Batyr Öwezmyradow, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby Baýram Turaýew kümüş medala mynasyp boldular.

Toparlaýyn bäsleşikde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň topary ikinji orny, Halkara ynsanperwer ylymlar we ösüş uniwersitetiniň topary üçünji orny eýeledi.

Bu abraýly bäsleşige Türkmenistanyň, Belarus Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Senegal döwletiniň, Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň ýokary okuw mekdeplerinden 351 talyp gatnaşdy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Ekologiýanyň bähbidine

# EKOLOGIK 3D PRINTERIŇ HOJALYK ÄHMIÝETI



**H**äzirki wagtda dünýäde sanly tehnologiýalaryň we innowasion önümçiligiň depginli ösüşi bilen, 3D printerleriň orny has-da artýar. Ösen ýurtlarda bu tehnologiýa senagatyň dürli ugurlarynda — gurluşykdan başlap lukmançylyga çenli — giňden ornaşdyrylýar. Esasy aýratynlyklaryndan biri hem bu enjamlaryň daşky gurşawa az zyýan ýetirýän we ykdysady taýdan tygşytly bolmagydyr. Ýöne bu tehnologiýanyň has-da netijeli bolmagy üçin ekologik taýdan arassa çig mallaryň peýdalanylmagy möhümdir. Hut şu ýerde ekologik 3D printerleriň we olaryň çig malynyň ýurdumyzda öndürilmeginiň hojalyk ähmiýeti öňe çykýar.

**Plastik galyndylary – baý çig mal çeşmesi**

BMG-niň maglumatlaryna görä, dünýäde ýylda 400 million tonnadan gowrak plastmassa öndürilýär. Şolaryň uly bölegi ulanylandan soň zyňylýar we diňe 9%-den gowragy gaýtadan işlenilýär. Bu ýagdaý diňe bir ekologik krizisi döretmän, eýsem, ykdysady kynçylyklaryň ýitileşmegine hem sebäp bolýar. Türkmenistan hem ulanylan plastmassalaryň gaýtadan işlenmegini ýola goýmak arkaly çig mal bazasyny giňeltmek mümkinçiligine eýedir. Mysal üçin, agyz suw çüýşeleri, plastmassa gap-gaçlary, senagat galyndylary ýörite enjamlar bilen ownuk bölejiklere bölünip eredilýär we 3D printer üçin filament görnüşine getirilýär.

Ekologik 3D printerleriň döredilmegi diňe bir daşky gurşaw üçin peýdaly bolman, eýsem, ýurdumyz üçin ykdysady taýdan hem möhüm ädimdir. Häzirki wagtda dünýäde bir kilogram ýokary hilli 3D filamentiniň bahasy ortaça 20-40 amerikan dollaryna çenli ýetýär. Eger-de biz bu çig maly içerki bazarlarda ýerli serişdelerden öndürmegi ýola goýsak, daşary ýurtlara bolan garaşlylygymyz azalyp, ýerli önümçilik güýji artar. Bu bolsa, täze iş orunlarynyň döredilmegine, ýaş hünärmenleriň we inženerleriň iş bilen üpjün edilmegine şert döreder.

Ekologik 3D printerleriň we olaryň çig malyny öndürýän enjamlaryň ýokary okuw mekdeplerinde we hünär-tehniki bilim edaralarynda ulanylmagy ýaşlary döredijilikli pikirlenmäge, tejribä esaslanyp okatmaga ugrukdyrýar. Talyp ýaşlaryň bu ugurda täze oýlap tapyşlar bilen çykyş etmegi, ylmy taslamalary durmuşa geçirmegi milli ösüşimiziň möhüm ugrudyr. Bu bolsa, bilim ulgamyny innowasiýa bilen utgaşdyrmagyň aýdyň mysalydyr.

Ekologik 3D printerleriň giňden ulanylmagy daşky gurşawy goramak bilen hojalyk ösüşiniň sazlaşygyny üpjün edýär. Gaýtadan işlenen plastmassadan taýýarlanan önümler dürli ugurlarda ulanylyp bilner: oba hojalygy üçin damjalaýyn suwaryş enjamlary, gurluşyk üçin plastik esaslar, okuw esbaplary we dürli gündelik ulanýan harytlar. Şeýle önümçilik ulgamy diňe bir girdeji getirmek bilen çäklenmän, daşky gurşawy arassa saklamak we plastmassalaryň tebigatda köp ýyllap dargamagynyň öňüni almak boýunça hem möhüm ädimdir.

Netijede, ekologik 3D printerleriň we olaryň çig malyny ýerli mümkinçilikler esasynda öndürmegiň hojalyk ähmiýeti örän giňdir. Bu başlangyç diňe bir ykdysady girdeji bilen çäklenmän, ýaş nesliň döredijilikli pikirlenmegine, ekologiýa düşünjesiniň ýokarlanmagyna we döwletimiziň durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegine ýol açýar. Şeýle tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy bilen, biz sanly we ýaşyl ykdysadyýetiň çäklerinde özümize mahsus üstünlikli ýoly döretmek mümkinçiligine eýe bolarys.

**Sähet SARYÝEW,**
**ekologiýa hünäriniň IV ýyl talyby.**

# Kim näme ýazdyka?!

**Ý**er ýüzünde milliardlarça adam ýaşaýar. Olaryň hersi bir zady özüçe söýýär. Kimler surat çekmegi, kimler futboly, kimler bolsa telewizorda ýaýlyma berilýän kinofilmlere tomaşa etmegi we ş.m. halaýarlar.

Heniz 8 ýaşymdakam, kakamyň işden getirýän gazetdir žurnallarynyň birini hem ünsden düşürmän gyzyklanyp okamak häsiýetim, häli-häzirem galman gelýär. Gazet-žurnallarda çykan goşgudyr hekaýalary, manyly sözleri okanymda, olaryň täsirinden ençe günläp çykyp bilmän ýörerdim. Bu ýagdaý häzir hem şeýle. Şol okan zatlarymyň içinden üýtgeşik täsir galdyran ýerlerini ýandepderçäme bellik etdim. Ine-de, şol ýandepderçämdäki belliklerden käbirleri:

«Şahyr — söz bilen surat çekýän nakgaş, jümle bilen aýdym ýazýan kompozitor, söz bilen kaşaň binýat dikeldýän magmar — arhitektor. Şahyr söz atly keramaty, şygyr atly gudraty näçe mukaddeslige göterip bilse, şonça-da ol beýik şahyr bolýar. Şahyr bolýar: özi bilen, durmuş bilen, dünýä bilen söhbet edýär, şahyr bolýar: ol pelek bilen, beýik Biribar bilen sözleşýär». (Nobatguly REJEBOW. Sözlesin, senaly diller sözlesin! «Garagum» žurnaly, №8-2017).




«Şygyr ruhy duýgy gujuryň bir parçasydyr. Ol — aňyrsyz-bärsiz durmuş barlygyndan ýolnup alnan bitewülik. Şygyr teşne kalba şypaly bir ýuwdum suwdur. Dürli himiki elementleriň bir owurt suwda «ýitişi» ýaly, sözler, jümleler, öwrümler şygryň içinde eräp gidýär. Suwda ýa-da howada himiki birleşmeleriň bildirmeýşi ýaly, kämil şygyrda elementler aýry-aýrylykda duýulmaýar, okyjy ony bitewi gujur hökmünde kabul edip alýar». (Amannepes ŞYHNEPESOW. Bir parça gujur. «Nesil» gazeti, 2009-njy ýylyň 30-njy iýuny).

**«...Ýigrendiler aşa söýenim üçin,**
**Meýdimi öz ýyşkym bilen ýakdylar.**
**(Döwletgeldi ANNAMYRADOW).**

**«...Seni maňa Hudaý bermedik bolsa,**
**Seni ondan özüm diläp alardym».**
**(Gurbandurdy ORAZOW).**

**«...Şahyry gabanmak bolmaýar, läläm,**
**Aşyk bolmak onuň kysmatynda bar».(Atajan ANNABERDIÝEW).**

**«...Ýene bulut düýrüm-düýrüm,**
**Ezil göwnüm, ezil müýnüm.**
**Bu aglaýan senmi güýzüm,**
**Ýa şolmuka,**
**Şolmuka ýa...?!».**
**(Mämmetnazar BABANAZAROW).**

**«...Lezzet alýar il derdimden,**
**Şoň üçinem ýazyp ýörün...».**
**(Seýitmyrat GELDIÝEW).**

**«...Gitme,**
**gitseň sensizem**
**Oňaryn öýdüp gorkýan».**
**(Mukam MUHAMOW).**

Şular ýaly ýandepderçäme edilen ýüzlerçe, belki-de, müňlerçe bellikler edebiýata bolan söýgimi has-da artdyrdy. Gazet-žurnallaryň her gezekki sanynyň çykaryna uly sabyrsyzlyk bilen garaşyp, kim näme ýazdyka diýip gyzyklanýaryn.

**Mukam BEKGYLYJOW.**
**türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň II ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Akgyz ANNAÝEWA, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy), Rejepgeldi ALLAMYRADOW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com